# Saýry ýurtly geline

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Saýry ýurtly geline SAÝRY ÝURTLY GELINE



Hoşlaşyk goşgusyn ýazýan
Saña düşnüksiz bir dilde.
Süýji aýralyk gününde,

Näzli gelin, meni diñle.
Çekip hijranyñ azaryn,
Duýgym terk etmese meni,
Ömrüm boýy apalaryn
Seni, dostum, diñe seni.

Özge keşbe seretme-de,
Meñ ýüregme ynanyber.
Oñ derdine parh etme-de,
Diñe ynan, näzli dilber!

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW.

* * *

Ajaýyp geçmişiñ bolduñ hemdemi,
Şat, gamly arzuwyñ sensiñ syrdaşy.
Ömrümiñ ýaz pasly tanadym seni,
Görýärkäm begençli ilkinji düýşi.
Garaşdym, gijara geldiñ sen diñe,
Şat bir kempir bolup, ýakyn oturdyñ.
Äýnekli, pyşyrdap, abanyp maña,
Gyzykly oýnawaç alyp getirdiñ.
Sallançagmy üwräp, hüwdüler bile,
Çagalyk ünsümi täsire aldyñ.
Tüýdügi jadylap, getirip dile,
Özüñ arlyklarmyñ içine saldyñ.
Çagalyk gyzykly düýş ýaly geçdi,
Sen bir aladasyz oglany söýdüñ.
Seni ýatlap diñe bir goşgy goşdy,
Sen assyryn gelip, ugrunda köýdüñ;
Şolmudy görmegiñ, bezeg nagyşlañ?
Tiz owadan bolduñ, üýtgeşdiñ asan!
Ýylgyrşyñ ne gözel örän şadyýan!
Örän ýakymlydyr näzli bakyşyñ!
Öryünjegiñ tolkun atyp urunýar,
Kamatyñ öwşünläp, gözel görünýär;
Başyña sanjypsyñ gülleriñ gowsun,

Hoşboý ysy çar tarapa pytraýar.
Sary hünjiñ aşagynda ak göwsüñ
Lowurdaýar bir enaýy titreýär.

* * *

■ F.N.GLINKÄ

Durmuşdaky içhä-içişlik zaman
Men sürgüne düşüp, gör, nirä bardym,
Gorkak hem ýigrenji, akylsyz ýaman
Topar ýören tekepbirligi gördüm.
Afin bezeglerin, onuñ toý sazyn
Gaýgyly, gözýaşsyz galdyrdym aman.
Maña guwanç, şatlyk seniñ owazyñ,
Seniñ her owazyñ rehimdar ynsan!
Goý, menib takdyrym ýene bir ýola
Gorkunç sürgünlere etsin sezewar.
Söýginib biwepa boluşy ýaly,
Dostluk hem biwepa boldy biykrar…
Olaryñ ynsapsyz jebri-zulmuny
Uzak sürgünlerde unutsam gerek:
Eger sen, Aristid, aklasañ meni,
Meñ üçin başlamañ bary biderek.

Terjime eden: Çary AŞYR.

■ BENDI

Zeýli zyndan içre, dar gözenekden
Synlaýan iým berlen ýaş bürgüdi men.
Bu gamgyn ýoldaşym ganatyn kakyp,
Otyr goýlan ganly lukmany çokup.

Çokup-taşlap zol-zol penjirä gözläp,
Göýä meñ pikirmiñ ýumagyn çözläp,
Gygyrýar, seredýär, ahwalym duýýar,
Gözleri: »Ýör, dogan, uçaly!» diýýär!

»Biz erkin guş, ýör, gardaşym, ýör bäri,
Bulutlardan aşyp, daglara sary.
Ýör, münüp gök deňziň sergin ýellerne,
Hem ýeliň, hem meniň erkin ýerime!»

## ■ GUŞJAGAZ

Saýry ýerde gezip ýörsem-de, görýän
Gadymýetiň bir ajaýyp däbini.
Bir guşa erk berip, uçrup goýberýän,
Ýagty bahar güni, şat baýram güni.

Nä gerek nadyllyk ol biribara,
Öz-özümi köşeşdirip bilýärkäm.
Bolmanda dünýäde ýeke jandara
Meň özüm azatlyk berip bilýärkäm!

* * *

Tolkunlar, kim siziň badyňyz aldy?
Bu güýçli akyma kim jylaw saldy?
Bu pitneli güýje çykaryp höküm,
Sizi ýata köle öwrüp goýan kim?

Haýsy jadyň emri ysmaz eýledi
Mendäki şatlygy, gamy umydy?
Ol meniň bu dyzmaç kalbym neýledi,
Kim meniň ganyma bigamlyk guýdy?

Gaý turzuň bu kölde, şemallar öwsüp,
Goý, aksyn suw ýowuz böwedi böwsüp,
Nirde sen, gaý tupan □ erkiň nyşany,
Göge göter bu bendiwan derýany!

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW.

## ■ GIJE

Sesim saňa hesretli hem mylaýym,
Gijäň ümsümligin bozar her daýym.

Düşegmiñ ýanynda ýanýar gamgyn şem;
Söýgi çeşmesi dek akýar goşgym hem;
Ol çeşmede akýañ seniñ özüñ-de,
Garañkyda görýän, ýanýar gözüñ-de,
Gözüñ gülýär  sözüñ eşdilýär maña:
Seni söýýän, ýarym… men señki diñe…

Terjime eden: Çary AŞYR.

* * *

Çagalykda arzuw edişim ýaly,
Haçanda jan terk edende göwräni,
Hakydany, oý-pikiri, söýgini,
Hasraty, şatlygy, gamy-gaýgyny
Äkidýänin bilen bolsam kasam ki,
Kül edip döwerdim ýaşaýşy belki.
Uçardym erkinlik ýurduna sary,
Bir akyl ýeterlik ýurduna sary…

Ýerliksiz ynanýan ýalan hyýala,
Kejir aklym umytlary ýigrenýär…
Ölümem edil bir gury pal ýaly…
Ýeri bolýa! Ne akyl, ne söýgi bar!
Gorkýan, ýene dünýä bakýan gam bile.
Uzak ýaş isleýän, gül jemally ýar
Kalbymda kän ýaşar ýaly meñ bile.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular